MAKUL HABAR
atavatantranslation@gmail.com
ATAVATAN TÜRKMENISTAN
ÝANWAR AÝYNYŇ 11-i, 2025



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine döwlet durmuşynyň birnäçe möhüm meseleleri girizildi.

Mejlisiň barşynda Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, şeýle hem Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory gözegçilik edýän düzümleri tarapyndan ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdiler.

Ýurdumyzyň kanunçylygyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek babatda raýat-hukuk gatnaşyklaryny kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň täze beýanynyň taslamasyny hem-de «Saýlawçylaryň bitewi döwlet sanawy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça işler alnyp barylýar.

Şeýle hem hasabatlarda ýurdumyzyň statistika ulgamy döwrüň talabyna görä kämilleşdirmek, «Türkmennebit» döwlet konserniniň nebitli guýularynda nebit çykarmakda ulanylýan desgalaryň durkuny täzelemek we täzelerini gurmak, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylan 2025-nji ýylda paýtagtymyzda we ýurdumyzyň welaýatlarynda gurlup ulanmaga beriljek binalaryňdyr desgalaryň meýilnamasyny taýýarlamak, ýurdumyzyň dokma senagatyna degişli kärhanalary döwrebaplaşdyrmak hem-de olaryň dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek babatda ýerine ýetirilýän işler barada habar berildi.

Ýurdumyzyň muzeý gaznalaryndaky gymmatlyklaryň sanyny artdyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň çäklerinde muzeý gymmatlyklaryny toplamak boýunça şu ýylda hem hünärmenleriň ýerlere iş saparlaryny guramak göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda Medeniýet ministrliginiň garamagynda 37 sany muzeý hereket edip, olaryň gaznasynda 367 müňden gowrak muzeý gymmatlygy bar.

Mundan başga-da, Aşgabat şäherinde mekdep okuwçylarynyň arasynda matematika dersi boýunça II Halkara olimpiadany geçirmek üçin taýýarlyklar alnyp barylýar.

Mejlisiň dowamynda Daşary işler ministrliginiň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasynyň taslamasy barada hasabat berlip, iş meýilnamasy 10 bapdan ybarat bolup, olarda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli hem-de hormatly Prezidentimiziň kabul eden resminamalaryny ýerine ýetirmek boýunça Türkmenistanyň diplomatik gullugy tarapyndan durmuşa geçiriljek işler barada bellenilýär.

Bulardan başga-da, mejlisiň çäklerinde «Türkmenawtoulaglary» agentligi tarapyndan ýerine ýetirilýän işler, ýolagçylara edilýän hyzmatlaryň ýokary derejesini üpjün etmek, şäheriçi awtobus ulgamynyň hilini we medeniýetini ýokarlandyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň çäklerinde döwrebaplaşdyrylan şäheriçi awtobuslaryny satyn almak, olary Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllyk baýramy mynasybetli şu ýylda ýurdumyza getirmek babatda hasabatlar berildi.

## Arkadag şäheri boýunça gol çekilen möhüm resminamalar

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» bellenen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, Arkadag şäheriniň binagärlik-şähergurluşyk keşbini has-da gözelleşdirmek, şeýle hem «Arkadag şäherini 2024 – 2052-nji ýyllarda ösdürmegiň Konsepsiýasyndan» gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Arkadag medisina klasteriniň birinji tapgyryny gurmak hakynda Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetine degişli binalaryň we desgalaryň taslamalaryny düzmek hem-de olary ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyryp gurmak barada ýerli we daşary ýurt kärhanalary bilen şertnamalary baglaşmaga ygtyýar berildi.

Gurluşyk işlerine 2025-nji ýylyň ýanwar aýynda başlamak hem-de binalary we desgalary 2027-nji ýylyň ýanwar aýynda ulanmaga doly taýýar edip tabşyrmak bellenildi.

* * *

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» bellenen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, Arkadag şäheriniň binagärlik-şähergurluşyk keşbini has-da gözelleşdirmek, şeýle hem «Arkadag şäherini 2024 – 2052-nji ýyllarda ösdürmegiň Konsepsiýasyndan» gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetine degişli inženerçilik ulgamlarynyň hem-de desgalarynyň taslamalaryny düzmek we olary ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyryp gurmak barada ýerli gurluşyk kärhanalary bilen şertnamalary baglaşmaga ygtyýar berildi.



Türkmenistan 2030-njy ýyla çenli parnik gazlarynyň zyňyndylaryny doly aradan aýrar 02



Türkmenistanda daşary ýurt hukuk diplomlaryny ykrar etmegiň tertibi täzelendi 03

2025-nji ýylda geçiriljek halkara forumlar we sergiler 04



# Türkmen halkynyň Milli Lideri guramaçylyk döwlet toparynyň mejlisini geçirdi



*Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Mejlisiň Başlygynyň hem-de Ministrler Kabinetiniň agzalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda döredilen guramaçylyk döwlet toparynyň mejlisini geçirdi. Bu topara Türkmenistanyň Halk Maslahaty başlyklyk edýär.*

Türkmen halkynyň Milli Lideri Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýüzlenip, geçiriljek çäreler bilen bagly ýurdumyzyň kada-kanunçylyk işini kämilleşdirmegiň, ilatyň arasynda wagyz-nesihat işlerini giňden ýola goýmagyň möhümdigini aýtdy hem-de Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow we Merkezi bankyň başlygy bilen bilelikde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli ýubileý medalynyň we ýadygärlik nyşanyň taslamasyny taýýarlamak boýunça işleriň geçirilmelidigini belledi. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy wise-premýer H.Geldimyradowa öňde boljak çäreleri geçirmek bilen bagly zerur maliýe işleriniň bökdençsiz amala aşyrylmagyny üpjün etmegi, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanowa bolsa ýubileý ýyly bilen bagly geçiriljek çäreleriň guramaçylyk meselelerine zerur bolan ýardamy bermegi tabşyrdy.

Soňra Milli Liderimiz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň oba hojalyk toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýewe ýüzlenip, ýubileý ýyly mynasybetli baýramçylyk saçaklaryny bezejek naz-ygmatly harytlar, milli tagamlar bilen bagly degişli teklipleri taýýarlamagy tabşyrdy.

Halk Maslahatynyň Başlygy Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Aşgabat şäherine gözegçilik edýän orunbasary B.Annamämmedowa ýüzlenip, çäreleriň geçirilýän günlerinde paýtagtymyzyň ilatynyň we myhmanlarynyň medeniýetli dynç almagy üçin has amatly şertleriň döredilmegini, bu möhüm senä taýýarlyk görmek bilen bagly Aşgabadyň abadanlaşdyrylmagyny, ýylyň şygary bilen baglanyşykly bezeg işleriniň geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Halk Maslahatynyň Başlygy şanly sene mynasybetli sowgatlyk harytlar baradaky meselä geçip, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň söwda toplumyna gözegçilik edýän orunbasary N.Atagulyýewe Aşgabat şäherinde hem-de welaýatlarda söwda nokatlaryny açyp, olarda dürli görnüşli harytlaryň, şol sanda milli sowgatlyk we ýadygärlik harytlaryň söwdasynyň ýokary hilli guralmagyny üpjün etmegi tabşyrdy. Şeýle-de hormatly Arkadagymyz dokma kärhanalarynyň şanly sene bilen bagly sowgatlyk önümleri öndürmelidiklerini aýtdy, wise-premýere geçiriljek çärelere bagyşlanan sergileri ýokary derejede taýýarlamak üçin zerur bolan ýardamy bermegi, halkara çärelere gatnaşyjylaryň hormatyna beriljek günortanlyk we agşamlyk naharlaryny ýokary derejede guramagy tabşyrdy.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň medeniýet ulgamyna gözegçilik edýän orunbasary M.Mämmedowa ýüzlenip, medeniýet edaralary tarapyndan ýubileý ýyly bilen bagly geçiriljek medeni-köpçülikleýin, baýramçylyk çäreleriniň, teatr sahnalarynyň ýokary derejede guralmagyny, şanly senä bagyşlanan maslahatlarda medeniýet bilen bagly ähli meselelere seredilmegini, çäreleriň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýokary derejede beýan edilmegini üpjün etmek barada tabşyryklary berdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow mejlisi dowam edip, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa geçiriljek çäreler bilen bagly halkara ylmy-amaly maslahatlary guramak boýunça degişli teklipleri taýýarlamagy, ýokary okuw mekdeplerinde şanly senä degişli okuw sapaklaryny yzygiderli guramagy tabşyrdy. Şunuň bilen birlikde, halkara çäreleriň geçirilýän hem-de myhmanlaryň bolýan ýerlerinde sanitariýa we arassaçylyk kadalarynyň berjaý edilmegini üpjün etmek boýunça ähli zerur çäreleri görmegiň zerurdygyna üns çekildi.

Milli Liderimiz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa ýüzlenip, hemişe bolşy ýaly, bu halkara çäreleri hem ýokary derejede, guramaçylykly geçirmek üçin gowy taýýarlyk görmegiň möhümdigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz wise-premýer, daşary işler ministrine halkara çäreler bilen ugurdaş çäreleri guramaçylykly, many-mazmun taýdan ýokary derejede geçirmek üçin degişli işleri alyp barmagy, olaryň protokol-guramaçylyk meselelerini utgaşdyrmak wezipesini ýerine ýetirmegi tabşyrdy.

Halk Maslahatynyň Başlygy wise-premýer, daşary işler ministrine Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary bilen bilelikde halkara çäreleriň maksatnamasyny işläp taýýarlamak üçin ähli zerur işleri ýerine ýetirmegi hem-de olara gatnaşmagy göz öňünde tutulýan daşary ýurt wekiliýetleriniň sanawyny anyklamak bilen bagly degişli işleri geçirmegi tabşyrdy. Gahryman Arkadagymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, degişli Permana laýyklykda wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredowyň guramaçylyk döwlet toparynyň başlygynyň orunbasary bolup durýandygyny aýtdy we şunuň bilen baglylykda, toparyň agzalaryna göz öňünde tutulýan halkara çäreleri ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek üçin ähli meseleleri R.Meredowyň üsti bilen utgaşdyrmagy tabşyrdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri halkara çäreler bilen bagly ulag-aragatnaşyk meselelerine ünsi çekip, Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýewe çärelere gatnaşjak myhmanlary ýörite howa gatnawlary bilen getirmek, alyp gitmek, garşy almak we ugratmak işlerini berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Şunuň bilen bir hatarda, Gahryman Arkadagymyz ýokary hilli aragatnaşyk, internet hyzmatlaryny guramagyň, ýokary derejedäki resmi wekiliýet agzalaryny awtoulaglar bilen üpjün etmegiň möhümdigini belledi.

## Türkmenistan 2030-njy ýyla çenli parnik gazlarynyň zyňyndylaryny doly aradan aýrar

Häzirki wagtda Türkmenistanyň gaz senagaty ýangyç-energetika toplumynyň esasyny düzýär we senagat önümçiliginiň möçberiniň ýarysyndan köpüsini eýeleýär. Önümçilik prosesiniň ähli tapgyrlarynda öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak bilen täze ýataklary gözlemek, barlamak we özleşdirmek boýunça işler işjeň alnyp barylýar.

Ähli umumy metan borçnamasyna goşulmak bilen, Türkmenistan energetika pudagyny düýpli döwrebaplaşdyrmak we beýleki degişli çäreleri durmuşa geçirmek arkaly 2030-njy ýyla çenli parnik gazlarynyň zyňyndylaryny doly aradan aýyrmagy, uzak möhletleýin döwürde her ýyl öz hasabyna zyňyndylary ep-esli azaltmagy, halkara guramalaryň, maliýe düzümleriniň goldawy bilen dünýä jemgyýetçiliginiň bu ugurdaky tagallalaryna goşant goşmagy meýilleşdirýär. Bu barada TDH agentliginiň synynda habar berilýär.



Şeýlelikde, aýratyn ähmiýet berilýän agirt uly «Galkynyş» ýatagynda iň täze enjamlar bilen üpjün edilen gazy gaýtadan işleýän toplumlar guruldy, bu bolsa atmosfera goýberilýän zyýanly zyňyndylary azaltmaga mümkinçilik berýär.

Şeýle hem Türkmenistan BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň çäklerinde döredilen MARS sanly platformasynyň işine gönüden-göni gatnaşmaga uly ähmiýet berýär. Energetika pudagyndaky möhüm meseleleri çözüp bilýän nebit-gaz pudagy üçin ýokary hünärli işgärleri taýýarlamaga, ylmy kuwwatyň artdyrylmagyna, toplumy ösdürmekde ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleriniň ornuna aýratyn üns berilýär.

# Türkmenistanyň Prezidentiniň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly täze kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy

2025-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly täze kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi.



Çärä ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçy düzümi we wekilleri, Türkmenistanda işleýän diplomatik wekilhanalarynyň we halkara guramalarynyň wekilhanalarynyň ýolbaşçylary we işgärleri, institutyň professor-mugallymlary we talyplary, şeýle-de KHBS-iň wekilleri gatnaşdylar.

Tanyşdyryş dabarasynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory Gülşat Ýusupowa, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Daşary işler ministri Raşid Meredow, Gyrgyz Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Azizbek Madmarow, Täjigistan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Wafo Alibek Niýatbekzoda, Hindistan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Madhumita Hazarika Bhagat, Özbegistan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Rawşanbek Alimow, ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkeziniň ýolbaşçysy Jon MakGregor, şeýle-de Türkmenistanyň ylym we bilim işgärleri çykyş etdiler.

Tanyşdyrylyş dabarasynda edilen çykyşlarda Türkmenistanyň Prezidentiniň görnükli söz ussadynyň mirasynyň, onuň dünýä edebiýatyna goşan goşandynyň, şahyryň ýubileýi mynasybetli guralan çäreleriň giňden beýan edilýän «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly täze kitabynyň çapdan çykmagynyň ähmiýeti bellenildi. Akyldaryň durmuş ýolunyň we döredijiliginiň ylmy esasda öwrenilişi, şahyryň pähim-parasatly wesýetleriniň parahatçylygy pugtalandyrmakdaky orny, şeýle-de «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýen şygara beslenen 2024-nji ýylda geçirilen halkara çäreleriň ähmiýeti barada gürrüň berýän bu ajaýyp kitap Täze ýylyň öňüsyrasynda mynasyp sowgat boldy.

Nygtalyşy ýaly, kitap owadan fotosuratlar bilen bezelip, ýokary çaphana usulynda, üç dilde – türkmen, rus we iňlis dilleriniň hersinde aýratyn kitap görnüşinde çap edildi. Sekiz bölümden ybarat bolan neşir giň okyjylar köpçüligine, ylmyň we çeper edebiýatyň muşdaklaryna, Magtymgulynyň döredijilik mirasyny öwrenijilere niýetlenendir.

Çykyş edenler Magtymguly Pyragynyň örän baý edebi mirasynyň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasyny kesgitländigine, şahyryň parahatçylyk, adalatlylyk, ynsanperwerlik, dostluk we doganlyk, hemmä we her kime hormat goýmak taglymatlarynyň daşary ýurtlar bilen alnyp barylýan özara gatnaşyklara möhüm täsir edýändigine aýratyn üns berdiler.

Dabara gatnaşyjylar täze kitabyň şahyrynyň we akyldarynyň baý edebi mirasyna akyl ýetirmegiň örän gymmatly açary boljakdygyna ynam bildirdiler. Çäräniň ahyrynda oňa gatnaşyjylar Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler.

# Türkmenistanda daşary ýurt hukuk diplomlaryny ykraretmegiň tertibi täzelendi

Türkmenistanyň bilim ministriniň 2024-nji ýylyň 9-njy dekabrynda çykaran 392 belgili buýrugy bilen (Bilim ministriniň 2019-njy ýylyň 29-njy martynda çykaran 80 belgili buýrugy bilen tassyklanan) daşary ýurt döwletlerinde berlen ýokary we orta hünär bilimi hakyndaky resminamalary Türkmenistanda ykrar etmegiň Tertibini ulanmak boýunça Gözükdirijä üýtgetmeler we goşmaça girizildi.



Bu buýruk Türkmenistanda daşary ýurt diplomlaryny ykrar etmegiň tertibine düýpli üýtgeşmeler girizýär.

Esasy üýtgeşmeler uçurymlaryň iki görnüşine degişlidir:

«Hukuk işi» hünäriniň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, daşary ýurt döwletlerinde «hukuk işi» ugry boýunça Türkmenistanyň raýatlaryna berlen ýokary hünär bilimi hakyndaky resminamalary Türkmenistanda ykrar etmek üçin 3 aý möhletli tölegli okuw geçiler. Onuň meýilnamasyny Türkmenistanyň Bilim ministirligi bilen Adalat ministrligi bilelikde tassyklar.

Daşary ýurt döwletiniň hünär bilimi edarasyna okuwa girip, adatdan daşary ýagdaý sebäpli elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly dowam edip alnan Resminamanyň eýesiniň sowatlylygy elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak boýunça barlanar.

«Hukuk işi» ugry boýunça berlen ýokary hünär bilimi hakyndaky resminamalaryň Türkmenistanda ykrar edilmegi üçin ýüz tutýan Türkmenistanyň raýatlaryndan synaglary kabul etmek üçin düzüminde aşakdakylaryň wekilleri bolan ýörite Döwlet synag topary döred至:

Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti

Türkmenistanyň Baş prokuraturasy

Türkmenistanyň Adalat ministrligi

Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi

Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti

Bu üýtgeşmeler hukuk biliminiň hilini we uçurymlaryň bilimleriniň Türkmenistanyň milli kanunçylygynyň talaplaryna laýyk gelmegini üpjün etmäge gönükdirilendir.

Buýrugyň we beýleki üýtgeşmeleriň doly görnüşini www.minjust.gov.tm web saýtyndan tapyp bilersiňiz.

# Türkiýe Respublikasynyň ilçisi bilen duşuşyk geçirildi

Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary Mähri Bäşimowanyň Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Ahmet Demirok bilen duşuşygy geçirildi.



Duşuşygyň dowamynda taraplar türkmen-türk gün tertibiniň ileri tutulýan ugurlaryna garadylar. Diplomatlar hyzmatdaşlygyň özara gyzyklanma bildirilýän wajyp meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Sebit we halkara gurluşlaryň çäklerindäki iki ýurduň özara gatnaşyklaryna aýratyn üns berildi.

Türkiýe Respublikasynyň Ilçisi «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medaly üçin Türkmenistanyň ýolbaşçylygyna minnetdarlygyny beýan etdi. Duşuşygyň ahyrynda taraplar «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň» çäginde bilelikdäki çäreleri geçirmegiň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

# Ýapon ilçisi: Türkmenistanda ýapon dilini öwrenýänleriň sany ep-esli artdy

Türkmenistanda ýapon dilini öwrenýän raýatlaryň sany ep-esli artdy. Bu barada Ýaponiýanyň Türkmenistandaky ilçisi Sasaki Hiroşi ilçihananyň saýtynda ýerleşdirilen Türkmenistanyň raýatlaryna ýollan Täze ýyl ýüzlenmesinde mälim etdi.



Gutlag hatynda şeýle diýilýär:

Dostlukly türkmen halky, men Ýaponiýanyň Ilçisi Sasaki Hiroşi.

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

Meniň Türkmenistanda ilçi wezipesine bellenenimden bäri 1 ýyl 2 aý geçdi. Şol aralykda Ýaponiýa bilen Türkmenistanyň arasynda ýokary dereje ýolbaşçylaryň özara işjeň saparlary we ykdysady alyş-çalyşlar bolup geçdi. Ýaponiýanyň söwda kompaniýalary we kärhanalary hem Türkmenistanda işewürlik işini işjeň alyp barýarlar.

Mundan başga-da, Türkmenistanda ýapon dilini öwrenýänleriň sany 2015-nji ýylda takmynan 50-den häzirki wagtda 16 000 adamdan geçdi.

Şu ýyl Ýaponiýada Osaka-Kansai sergisiniň geçirilmegi meýilleşdirilýär. Sergide ilkinji milli gün, onuň açylşynyň ertesi güni 14-nji aprelde «Türkmenistanyň güni» bolar. Bu pursatdan peýdalanyp Hormatly Prezident jenap Serdar Berdimuhamedowyň Ýaponiýa saparynyň amala aşyrylmagyny arzuw edýärin. Prezident hökmünde Ýaponiýa bolan bu ilkinji sapary iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösmegine uly täsir eder.

Sözümiň ahyrynda, 2025-nji ýylyň ähli türkmen halky üçin bagtdan doly ýyl bolmagyny arzuw edýärin.

Täze ýylyňyz bilen!

## TOPH gaz geçirijisi boýunça duşuşyk



Owganystanyň Kabul şäherinde magdan we nebit ministriniň wezipesini ýerine ýetiriji Hidaýatulla Badri bilen «TAPI Pipeline Company Limited» kompaniýasynyň baş müdiri Muhammetmyrat Amanow bilen duşuşdy. Bu barada owgan metbugaty habar berdi.

Duşuşykda Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan (TOPH) gaz geçirijisi boýunça soňky gazanylan üstünlikler, şeýle hem taslamanyň işleri çaltlandyrmak babatda pikir alyşdylar.

Owgan halky üçin täze iş ýerleriniň döredilmegine, şeýle hem taslama gatnaşýan owgan inženerleriniň hünärlerini ýokarlandyrmaga aýratyn üns berildi.

Geçen ýylyň dekabrynda Türkmenistan wekiliýeti Owganystanyň çäklerinde Serhetabat-Hyrat bölegindäki gurluşyk işleri bilen tanyşdylar.

«Arkadagyň ak ýoly» atly Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan (TOPH) gaz geçirijisiniň gurluşygyny dowam etdirmek 2025-nji ýylda Türkmenistanyň nebitgaz toplumynyň iş meýilnamalarynda orun aldy. Bu hem Türkmenistanyň bu möhüm taslama uly ähmiýet berip, mundan beýläk-de ony durmuşa geçirmäge tagalla edýändigini görkezýär.

## «Merkezi Aziýa-Ýewropa Bileleşigi» sammiti Özbegistanda geçiriler



Özbegistanyň daşary işler ministri Bahtiýor Saidow bilen Ýewropa Bileleşiginiň halkara gatnaşyklary we howpsuzlyk syýasaty boýunça Ýokary wekili, Ýewropa Komissiýasynyň wise-prezidenti Kaý Kallas bilen telefon arkaly söhbetdeş boldy. Bu barada Özbegistanyň daşary syýasat edarasynyň metbugat gullugy habar berýär.

Söhbetdeşler ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça pikir alşyldylar. Şeýle hem taraplar şu ýyl Samarkantda «Merkezi Aziýa-Ýewropa Bileleşigi» sammitini geçirmek babatda görülýän taýýarlyklary maslahatlaşdylar.

Estoniýanyň ozalky Premýer-ministri bolan 47 ýaşyndaky Kaý Kallas 2024-nji ýylyň 1-nji dekabrynda Ýewropa Bileleşiginiň halkara gatnaşyklary we howpsuzlyk syýasaty boýunça Ýokary wekili wezipesine resmi taýdan girişdi.

# 2025-NJI ÝYLDA GEÇIRILJEK HALKARA FORUMLAR WE SERGILER

Türkmenistan her ýyl halkara sergileriň we forumlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Ýurdumyzda halkara derejeleri maslahatlar, forumlar we sergiler her ýyl ýokary guramaçylyk esasynda geçirilýär. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» mynasybetli 2025-nji ýylda hem ýurdumyzda köpsanly forumlar, maslahat, sergiler guralar. Ýylyň dowamynda geçiriljek forumlaryň, maslahatlaryň we sergileriň meýilnamasy şulardan ybaratdyr:

☑ Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni mynasybetli dabaraly maslahat – 18-nji fewral;

☑ Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 17 ýyllygy mynasybetli sergi we «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly hususy pudaga maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara forumy – 17-19-njy mart;

☑ Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň maslahaty – 20-nji mart;

☑ Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara forum – 23-24-nji aprel;

☑ «Halkara söwda we hyzmatlar» atly sergi-ýarmarka – 29-njy aprel – 1-nji maý;

☑ «Türkmenistanda halkara ülňülerine laýyk gelýän hil üpjünçiligi» atly halkara maslahaty – 29-30-njy aprel;

☑ «Ak şäher Aşgabat» atly XXIV köpugurly halkara sergisi – 24-25-nji maý;

☑ «Turkmentextile Expo-2025» atly halkara sergi-ýarmarkasy – 11-13-nji iýul;

☑ «Kids Expo: ähli zat çagalar üçin» halkara sergi-ýarmarkasy – 21-23-nji awgust;

☑ Türkmenistanyň Halkara maýa goýum forumy (TIF) we sergisi – 18-20-nji sentýabr;




☑ Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň ykdysady üstünlikleriniň sergisi – 18-20-nji sentýabr;

☑ «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergisi we maslahaty – 3-5-nji oktýabr;

☑ «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergisi we ylmy maslahaty – 10-12-nji oktýabr;

☑ «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025» atly halkara maslahaty we sergisi – 22-24-nji oktýabr;

☑ Telearagatnaşyk, telemetriýa, habar beriş tilsimatlarynyň we teleradioýaýradyş enjamlarynyň «Türkmentel-2025» atly halkara sergisi we ylmy maslahaty – 12-14-nji noýabr;

☑ «Sanly çözgüt – 2025» atly innowasion taslamalaryň bäsleşigi – 14-nji noýabr;

☑ «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş-2025» atly halkara maslahaty we sergisi – 26-27-nji noýabr;

☑ Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisi – 3-5-nji dekabr.

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» geçiriljek bu halkara forumlar we maslahatlar ýurdumyzyň ykdysady, syýasy we medeni ösüşine möhüm goşant bolar.

## Türkmenistanyň raýatlaryna Malaýziýada 90 güne çenli wizasyz bolmaga rugsat berilýär

**2024-nji ýylda 2 müňden gowrak Türkmenistanly Malaýziýa syýahat etdi. Bu barada resmi türkmen metbugatynda habar berilýär. Maglumatlara görä, Malaýziýa her ýyl 20 milliondan gowrak syýahatçyny kabul edýär. Resmi maglumatlar 2005-nji ýylda syýahatçylyk pudagy Malaýziýanyň ykdysadyýetiniň 7 göterimini eýelän bolsa, eýýäm dört ýyldan soň bu mekanyň dünýäniň iň köp syýahat edilýän 10 ýurdunyň hataryna girendigini görkezýär.**



**Malaýziýa barýan jahankeşdelere 30 güne çenli wiza hökman däldir. Türkmenistanyň raýatlary üçin bolsa, ýörite çözgüde laýyklykda, bu ýurtda 90 güne çenli wizasyz bolmaga ygtyýar berilýär. Geçen ýylyň fewralynda Aşgabatdan Kuala-Lumpur şäherine göni ýolagçy uçar gatnawynyň açylmagy bolsa bu pudakdaky gatnaşyklary has-da ilerletdi. Iki ýurduň Hökümetleriniň arasynda gol çekişilen syýahatçylyk babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama syýahatçylyk mümkinçilikleri juda baý bolan döwletlerimiziň gatnaşyklarynda täze sahypa öwrüldi. Bäş ýyllyk möhlet bilen baglaşylan Ähtnama 11 maddadan ybarat.**

## «Türkmenistan» awiakompaniýasy Moskwadan alternatiw ugurly gatnawlary dowam etdirýär

Aşgabat-Moskwa ugry boýunça gatnawlary wagtlaýyn togtadan «Türkmenistan» awiakompaniýasy Moswkadan alternatiw ugurly, ýagny Moskwa-Hoşimin, Moskwa-Kuala-Lumpur, Moskwa-Aşgabat ugurly gatnawlaryny Stambulyň üsti bilen ýerine ýetirmegi dowam etdirýär. Bu barada «https://turkmenistanairlines.ru/news/330» saýtynda habar berilýär.

**Şu aşakdaky gatnawlara bileti bolan ýolagçylar:**

* Moskwa-Hoşimin 07.01.2025/08.01.2025
* Moskwa-Kuala-Lumpur 07.01.2025/08.01.2025
* Moskwa-Aşgabat 04.01/06.01/07.01/08.01/09.01/10.01/11.01/13.01



06.01.2025 senesinde sagat 23:55-de ( Moskwa wagty bilen) Moskwa-Stambul gatnawy, soňra Stambul-Aşgabat gatnawy ýerine ýetirilýändigi habar berilýär.

Biletleriň hasaba alnyşy uçuşda 3 sagat öň başlanýar.

Bileti bola ýolagçylaryň bu gatnawdan peýdalanmagy üçin agentlik bilen habarlaşmagy zerur bolup durýar.

Şeýle hem 30.12.2024-03.01.2025 senelerinde bileti bolup, şol döwürde uçup bilmedik ýolagçylaryň hem agentlik bilen habarlaşyp biljekdigi bellenilýär.